***Ýurdumyzda her ýyly döwrebap atlandyrmak asylly däbe öwrüldi. Ýyllaryň atlary bolsa döwletli Diýarymyzyň taryhy tutumlary, halkymyzyň belent maksatlary, hormatly Prezidentimiziň üstünlikli durmuşa geçirýän içeri hem daşary syýasaty bilen şöhratlanýar. 2026-njy ýylyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly diýlip atlandyrylmagynda hem uly many bar.***

Gahryman Arkadagymyz «Ahalteke bedewi — biziň buýsanjymyz we şöhratymyz» atly kitabynda: «At — türkmen üçin hemme zat. Bu geçmişde-de, şu günlerem şeýle. Ol barada müňlerçe nakyllar we atalar sözi döredildi, ol dilden aýdylýan ähli halk döredijiliginiň gahrymanyna öwrüldi» diýip belleýär. Bu gün türkmen bedewi ösüşlerimizi dünýä ýaýýan gymmatlygymyz bolup, şanly ýylymyzyň şygarynda we nyşanynda mynasyp orun aldy. Täze ýylymyzyň şygary bedew bady bilen beýik ösüşlere ýetýän ata Watanymyzyň şan-şöhratyna belent buýsanjy özünde jemleýär.

Ýurdumyz bedew badyna deňelýän ösüş depgini bilen ýylyň-ýylyna täze üstünliklere ýetýär. Munuň şeýledigine hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda durmuşa geçirilýän içeri we daşary syýasatyň netijesinde gazanylýan taryhy, halkara ähmiýetli wakalaryň mysalynda aýdyň göz ýetirýäris. Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda amala aşyrylan beýik işler, dünýäniň abraýly münberlerinden öňe sürlen başlangyçlar, tekliplerdir garaýyşlar ýurdumyzyň halkara giňişlikde uly abraýa eýedigini äşgär edýär.

Geçen ýyl ýurdumyzyň parahatçylyk söýüjilik ýörelgesiniň bütin dünýäde giňden dabaralandyrylan ýyly bolup taryha ýazyldy. Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly, Halkara Bitaraplyk güni, şeýle hem Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygy mynasybetli halkara forum geçirilip, onda halkara jemgyýetçilikde gatnaşyklary pugtalandyrmak bilen bagly wajyp wezipeler kesgitlenildi. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistan halkara gatnaşyklarda ýüze çykýan meseleleriň öňüni almakda syýasy-diplomatik usullaryň peýdalanylmagyny ilerledip, bitaraplygyň ähmiýetli ornuny yzygiderli berkidýär.

Jemläp aýdanyňda, uly üstünlikler getiren, şanly wakalara beslenen 2025-nji ýyl zamanamyzyň taryhy senenamasynda mynasyp orun aldy. Bagtyýar döwrümize, manyly ömrümize dowamat beren şanly ýylyň uly üstünlikleri eşretli şu günümiziň we geljegimiziň binýadyny pugtalandyrýar. «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly diýlip atlandyrylan täze ýylda öňe tarap okgunly hereket etmäge ynam hem güýç berýär.

**Jumanazar BATMANOW,**
**Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň Amaly mehanika kafedrasynyň**

Все права защищены

**müdiri.**

Все права защищены
save pdf date >>> 11.01.2026